***Ýurdumyzda «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip yglan edilen 2025-nji ýylymyzda eziz Diýarymyzy mundan beýläk-de gülledip ösdürmäge, halkymyzyň bagtyýar durmuşyny üpjün etmäge gönükdirilen giň gerimli işler üstünlikli dowam etdirilýär. Şunuň bilen baglylykda, Milli Liderimiz: «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly hem-de hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygy mynasybetli geçiriljek çäreleriň üsti bilen merdana halkymyzyň asylly däp-dessurlaryny, myhmansöýerligini, eziz Diýarymyzyň hemmetaraplaýyn gülläp ösýändigini we ynamly öňe barýandygyny bütin dünýä aýdyň görkezmelidiris» diýip belleýär.***

Berkarar döwletimiziň mertebesi Ýer ýüzünde, zamananyň depesinde baýdak bolup parlaýar. Şunda ýylymyzyň şygary diňe biziň ýurdumyz däl, eýsem, bütin dünýä üçinem örän ähmiýetlidir. Ol berkarar türkmen döwletiniň adamzada berýän gymmatlyklary bilen gönüden-göni baglanyşyklydyr. Munuň, hakykatdan-da, şeýledigine Gahryman Arkadagymyzyň eserleri arkaly çuňňur göz ýetirmek mümkin. «Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy», «Türkmenistan — Bitaraplygyň mekany», «Jan Watanym Türkmenistan», «Ýaşasyn parahat durmuş!», «Türkmenistan — parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany»… Parahatçylygyň beýik filosofiýasy bu eserleriň adyndan hem görnüp durandyr!

Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylymyzyň her bir güni  ajaýyp wakalara, uly üstünliklere beslenip, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ählumumy parahatçylygy üpjün etmek, döwletleriň arasynda ynanyşmagy berkitmek ugrunda edýän taýsyz tagallalary has-da rowaçlanýar. Sebäbi hormatly Prezidentimiziň belleýşi ýaly, Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe biziň ýolumyz bagtyýarlygyň, berkararlygyň ýoludyr.

**Bibinabat NURMYRADOWA,**
**Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň**
**Halkara gatnaşyklary institutynyň**
**Halkara žurnalistikasy fakultetiniň I ýyl talyby.**

Все права защищены

save pdf date >>> 28.01.2026